## Hekaýalar



**Gi de MOPASSAN**

# SIMONYŇ KAKASY

## (Nowella)

Sagat on ikiniň zaňyny urdy. Mekdebiň gapysy açylandan biri-birlerini howlukmaç itekleşip, basymrak çykjak bolýan çagalaryň yzy üzülenokdy. Ýöne näme üçindir öňler öýlerine tizräk ýetip, naharlanmaga howlugyşýan oglanjyklar mekdebiň töwereginde topar-topar bolşup aýlanyşyp başladylar. Olar nämedir bir zatlar barada özara pyşyrdaşýardylar. Onuňam özüne ýetik sebäbi bardy, çünki şu gün Blanşottanyň ogly Simonyň ir bilen mekdebe gelen ilkinji günüdi. Çagalar öz ejeleriniň Blanşotta hakda özara edýän ýakymsyz, gynançly gürrüňlerini eşidýärdiler. Ýogsa olar Blanşottany hemme ýerde gowy garşylaýardylar ahyry! Şeýle-de bolsa, ol hakdaky gybatly gürrüňler çagalaryň arasyna-da ýaýrapdy.

Çagalar Simon hakynda örän az bilýärdiler, dogrusy, ony onçakly içgin tanamaýardylar, çünki ol hiç ýere çykman, mydama öýde bolardy. Deň-duşlary bilen obanyň köçelerinde, derýanyň gyrasynda hezil edinip oýnabam görmändi. Şonuň üçinem çagalar ony onçakly gowy görübem baranokdylar. Şeýle bolansoň, häzirem birhili içigaralyk bilen, hiç hili geňtaňsyz, on bäş ýaşly garagol oglanyň sözlerini diňleýärdiler, öwran-öwran gaýtalaýardylar. Ol bezzat oglan köp zatlary bilýän bolarly.

— Eý, oglanlar, diňläň, bir gizlin habar aýdaýyn. Biler bolsaňyz, o Simon kakasyzmyşyn!..

Şol barmana, birden Blanşottanyň ogly mekdebiň işiginde göründi. Ol ýedi-sekiz ýaşyndaky solgun ýüzli, örän arassaja geýnen, ýöne özüni ýygra alyp barýan, utanjaň oglandy.

Simon öýlerine tarap ýöräberjek bolanda oglanlar özara hyşy-wyşy edişip, ýaňsyly garaýyş bilen oňa seredişip başladylar.

Elbetde, beýle ýaramaz garaýyşlar haýsydyr bir ýakymsyzlyk, bezzatlyk etjek bolýanlarda

döräp biläýjek gylyksyzlykdy. Oglanlar onuň daşyna halka bolup aýlandylar. Simon neresejik oglanlaryň arasynda, olaryň näme hyýallarynyň bardygyna düşünmän, geň galyp, hiç bir hereketsiz aňkarylyp durdy. «Täzeligi» ýoldaşlaryna ýetiren ýetginjek gazanan «üstünligine» guwanyp, üýtgeşik gopbamsyramak bilen, Simona soragly sözüni gatdy.

— Eý, seň adyň näme?

— Simon.

— Soňra näme? — diýip, ýene sorady.

Simon näme diýjegini bilmän, öňki diýenini gaýtalady:

— Simon.

Ýetginjek oňa gygyryp:

— Hawa, Simon-a diýýärler... Onda seň familiýaň näme?... «Simon»...

Oglan gözüniň ýaşyny syryp, jogabyny üçünji gezek gaýtalady:

— Meň adym Simon..

Oglanjyklar hahahaýlaşdylar. Ýetginjek olaryň gülkülerine goşuldy:

— Ana, bildiňiz gerek, onuň kakasynyň ýokdugyny!

Ara uly dymyşlyk aralaşdy. Oglanjygyň kakasynyň ýokdugy, çagalaryň düşünişlerine görä, heniz görülmedik, tebigy däl, aýylganç bir waka bolup duýuldy. Olaryň ýüreklerinde bolsa, ejeleriniň Blanşotta baradaky ýakymsyz gürrüňleriniň täsiri barha artyp başlady.

Simon ýykylmajak bolup, agaja ýaplandy. Ol özüni çykyp bolmajak bagtsyzlyk girdabyna düşen hasaplady. Ol kakasyzlyk ýaly elhenç ýagdaýyny ýalana çykarjak bolup näçe jan etse-de, ölçerip-döküp onuň ýoluny tapyp bilmedi.

Ýüzüne öliň reňki uran Simon birden eserlenip batyrgaý gygyrdy:

— Ýalan, meň kakam bar!

— Bar bolsa, hany, onda kakaň? — diýip, şol garagol ýetginjek sorady.

Simon dymdy, näme jogap berjegini bilmän ýaýdandy.

Oglanlar örän göçgünli gülüşdiler. Açyk meýdanda ylgaşyp ýören çagalaryň bu hereketleri guşhanadaky ýaraly guşy düýt-müýt etmäge dalaş edýän towuklaryň boluşlaryna çalym edýärdi.



## GI DE MOPASSAN (1850- 1893)

Nusgawy fransuz ýazyjysy Gi de Mopassan 1850-nji ýylyň 5-nji awgustynda Fransiýanyň Dýepp şäheriniň golaýyndaky Miromenil galasynda, aristokratik maşgalada dünýä inýär.

Dini mekdepde başlangyç bilim alýar, soň okuwyny liseýde dowam etdirýär.

Deňizçilik ministrliginde işleýär. Şol döwürde edebiýat bilen meşgullanyp başlaýar. Alty ýyldan gowrak wagtlap tanymal ýazyjy G.Flober bilen döredijilik gatnaşygyny saklaýar. Ussat ýazyjy Flober oňa eserleriniň kämildigini we çap etdirmegini teklip etse-de, Mopassan boýun gaçyrýar.

Ilkinji hekaýasy 1880-nji ýylda neşir edilýär. Ilkinji eseri okyjylar tarapyndan gyzgyn garşylanan Mopassan şol ýyl nowellalar ýygyndysyny neşir etdirýär. Deňizçilik ministrligindäki işini taşlap, metbugata işe geçýär.

Soňky on ýylyň dowamynda Mopassan onlarça hekaýalaryny, powestlerini we romanlaryny ýazýar. Nowellalary bilen adygan ýazyjy fransuz nowellasynyň kerwenbaşylarynyň biri diýlip ykrar edilýär.

Öndümli akyl işi ýazyjynyň saglygynyň görnetin ýaramazlaşmagyna sebäp bolýar.

„Durmuş", „Pýer we Žan", „Mont-Oriol" atly romanlaryň, „Tyňkyja", „Hanym Fifi", „Hanym Batist", „Marokko" atly nowellalaryň, „Simonyň kakasy", „Koko" we „Bägül" atly onlarça hekaýalaryň ýazarydyr.

1893-nji ýylyň dekabrynda aradan çykýar.

Simon birden goňşulykda ýaşaýan dul aýalyň ogluny tanaýdy. Ol oglanam mydama ejesiniň ýanyndan aýrylmazdy.

— Eý, seňem-ä kakaň ýok!

— Ýok, meň kakam bar!

— Hany, onda ol nirede?

— Ol ýogaldy, gonamçylykda ýatyr — diýip, çagajyk buýsançly jogap berdi.

Garagol oglanlaryň arasynda tassyklaýjy äheňdäki pyşyrdylar peýda boldy. Onuň kakasynyň ölüp, gonamçylykda jaýlanandygy, göýä diýersiň; abraýyny ýokary göterýän ýalydy. Kakasy ýok oglanjyk welin, öňküdenem beter ryswa bolana döndi. Olaryň köpüsiniň kakasy içgä özüni aldyran, aýallaryna sütem baryny görkezýän adamlar-da. Şeýle adamlaryň çagalary bolan garagol oglanlar kakasyz oglanjygyň daşynda ary üýşen kimin hüw berdiler. Hamana diýersiň, olar kanuny doglan, hakyky kakaly çagalarmyşyn. Olar «çöpdüýbi» saýylýan bu oglanjygy bogjak bolýan ýalydylar. Birden olaryň içinden biri bälçiksirän bolup, Simona dilini görkezip:

— Kakasy ýok, kakasy ýok — diýip, sesine bat berip gygyrdy.

Simon onuň saçyndan ýapyşyp, ýaňagyndan dişledi, ýetişibildiginden depişdirip başlady. Başlandy bir basalaşyk. Uruşýanlary araladylar. Simon begençli el çarpyşýan garagol oglanlaryň arasynda eşikleri ýyrtylan, ýenjilen, gögeren ýüzi çişen ýagdaýda guma bulaşyp, serrelip ýatyrdy.

Haçanda eşikleriniň tozanyny, çalt-çalt kakyşdyryp, ýerinden turanda kimdir biri oňa gygyrdy:

— Hany, bar, ugra şu taýdan kakaň ýanyna baka!

Şol sözi eşidende ol ähli zat ýykylyp, ýumrulyp barýan ýaly duýgyny başdan geçirdi. Simon namysjaňlykdan ýaňa özüni bogup barýan gözýaşlaryna garşy göreşmek islese-de başarmady. Demi tutuldy, hamsygyp sojamakdan ýaňa sandyrap, sessiz aglady. Onuň düşen ýagdaýyna daşyndaky garagol «duşmanlar» diýseň begenişdiler. Olar özleriniň gorkunç şadyhorramlyk dünýälerine has yhlasly berlip, göýäki wagşylar ýaly, biri-biriniň ellerinden tutuşyp, Simonyň daşyna aýlanyşyp, şeýle ýakymsyz, ýokuş sözleri-de üznüksiz gaýtalap, gygyryşyp başladylar:

— Kakasyz! Kakasyz!..

Şol pursat Simon birden gamgyn sojamasyny tapba kesdi. Gahar-gazap atyna atlandy. Onuň aýagynyň aşagynda daş diýseň kändi. Ol ýatan daşlardan birnäçesini aldy-da, güýjünde baryny edip, özüni gynaýanlara tarap zyňyşdyryp başlady. Zyňlan daşlar garagollaryň iki-üçsanysyna degdi. Olar aglaşyp-eňreşip, jyrralyşyp, zym-zyýat boldular. Simon şeýle bir gazaplydy welin, oglanjyklar gorkularyndan ýaňa onuň ýüzüne-de oňly seredip bilenokdylar. Çagalar dagaşyp gitdiler.

«Kakasyz» diýlip, degnasyna deglen çaga birsellem durdy-da, derýanyň ýakasyna tarap ylgady. Ol suwa gark bolmaklygyň hyýalyna düşdi. Bir hepde mundan öň dilegçilik edip ýören pukara bende özüni derýa oklapdy, çünki onuň ýaşamaga serişdesi ýok eken. Simon şol görgüli bendäniň suwdan çykarylyp duran pursadyny görüpdi. Mydama ýaramaz geýinýän, görksüz, garyp bendäniň bolşy Simony diýseň geň galdyrypdy. Ol pahyryň ýüzi solgundy, asudady, suw onuň uzyn sakgalynyň ezme kemini goýmandyr. Açyk gözleri rahatdy. Töwereginde duranlar:

— Ol ölüpdir — diýişdiler.

Synlap duranlardan kimdir biri:

— Hä-ä, bende dünýäň azabyndan dynypdyr-ow! — diýdi.

Simonda gark bolmak islegi güýjedi. Dilegçi görgüli puly ýok bolany üçin suwa gark boldy, onuň bolsa kakasy ýok. Ol derýanyň kenaryna baryp, suwuň akyşyny içgin synlady. Çakgan balyklar dup-duruja suwuň ýüzünde towsuşyp bökjekleşýärdiler. Suwuň ýüzünde ondan-oňa gaýmalaşýan çybyn-çirkeýlere açgözlük bilen topulyşyp, olary öz «girilerine» salýardylar. Oglanjyk aglamasyny goýdy-da, balyklaryň täsin hereketlerini gyzyklanmak bilen synlap başlady. Ýöne güýçli tupan turan mahalynda, käte ýuwaşap, kä güýçlenip ýel turup, agaçlary şatyrdadyp, soň ýene daşlaşyp gidişi ýaly, Simonyň hem aňyna «Men gark bolup ölmeli, çünki men kakasyz» diýen ýürek gopduryjy, elhenç pikir gelýärdi.

Töwerek-daş şeýle bir ümsümlikdi, howa-da örän mylaýymdy. Gün otlary mazaly gyzdyrypdy. Suwuň ýüzi aýna ýaly lowurdaýardy. Simon bir-

ýen bar zady huşundan çykardy, ony adaty gözýaş dökmeden soňky döwrän sussupeslik, gowşaklyk gurşap aldy. Ýagty güneş astynda, ýumşajyk gök otuň üstünde uklasy geldi.

Onuň aýagynyň ýanynda ýaşylja gurbaga bökjekledi, Simon ony tutmakçy boldy. Gurbaga sypjyklygyny edip gaçdy. Simon ony yzarlap başlady. Tutjak bolup, üç gezek synanyşsa-da, ele salyp bilmedi. Bolsa-da, ahyry onuň art aýagyndan tutdy. Gurbagajygyň jan edip sypjak bolşuna haýran galan Simon hezil edip gülüp goýberdi. Gurbaga aýaklaryny ýygyrýardy, soňra ýene çaltlyk bilen uzadýardy. Şonda onuň aýaklary edil oklaw ýaly gönelýärdi. Daşyna zer çaýylan ýaly tes-tegelek gözlerini daş-töweregine aýlap, öň aýaklaryny edil adam eliniň hereketini ýatladyp hereketlendirýärdi. Bu ýagdaý Simona bir oýnawajy — atanaklaýyn berkidilen uzynja tagtajyklaryň üstünde türgenleşik geçýän agaç esgerjigi ýatlady. Ol öz öýleri, ejesi hakyndaky pikire batdy. Gamgynlyk Simony şeýle bir basmarlaýardy welin, ol täzeden aglamaga oturdy. Tutuş göwresi bilen titräp, uka gitmänkäň okalýan dogany okap başlady. Ýöne ony soňlap bilmedi. Sojamasy gitdigiçe güýjäp, bogazyna geldi. Ol öz derdi, öz gaýgysy bilen gümra bolup, başga hiç zat hakda pikir etmegem islemeýärdi, daş-töweregine-de göz aýlamaýardy. Diňe öz içki hasratynyň güýjüne çydaman, barha «joşgunly» aglaýardy.

Şol barmana, kimdir biri onuň ejizje egnine agramly elini goýdy-da:

— Aý, oglanjyk, sen beýle halda nämäň gaýgysyny edýäň? — diýip sorady.

Simon şobada, ýeňsesine öwrüldi. Görse, ynha bir uzyn boýly, buýra-buýra gara saçly, gara sakgally işçi özüne mylaýym mähir bilen seredip dur. Oglanjyk aljyrady, tolgunmadan ýaňa sesini sandyradyp, gözýaşyny syryp, naýynjar jogap berdi:

— Olar meni ýençdiler..., sebäp meň kakam ýok...

— O nähili beýle bolýar. hemmeleriň kakasy bar ahyryn — diýip, nätanyş ýylgyrdy.

Oglanjyk bokurdagyny bogara getiren agydan ýaňa sesini sandyradyp, jogap berdi:

— Meniň kakam... ýok, ... ýok!

Işçiniň ýüzi boz-ýaz boldy. Ol bu ýerlere täzelikde gelenem bolsa, Blanşottanyň ogluny dessine tanady. Ol oglanyň ejesi barada käbir aýdylýan gep-gürrüňleri eşidipdi.

— Ýör, oglanjyk, ejeň ýanyna gideli. Hany, rahatlan, ýör, bileje gideli. Saňa... hökman kaka-da taparys.

Ol çaganyň elinden tutup ýola düşdi. Işçi şol gidip barşyna mylakatly garaýyş bilen ýylgyrýardy, onuň Blanşotta atly iň owadan hasaplanylýan oba gyzy bilen tanşasy gelýärdi. Bulaşyk pikirler onuň kalbyna aralaşdy. Ozal bir gezek ýalňyşan gyz, belki, ýene ýalňyşar...

Olar tirkeşip, kiçijigem bolsa, ap-akja edilip agardylan jaýjagazyň ýanynda saklandylar.

— Ine, şu ýerde! — diýip, oglanjyk gygyrdy: — Eje!

Gapydan çykan aýala gözi düşenden işçi ýylgyrmasyny goýdy. Bu uzyn boýly, aksowult ýüzli maşgalanyň indi gaýdyp ýalňyşlyk goýbermejekdigine düşündi. Başga bir erkek kişiniň «ikilik eden» öýüne erkek göbekliniň gaýdyp girmejekdigini onuň gazaply ýüzünden mese-mälim aňsa boljakdy. Işçi başgabyny gysymynda düýrüp durşuna bir hili hymmy-symmy etdi:

— Öý eýesi, ine, siziň ogluňyzy getirdim. Ol derýanyň ýanynda azaşyp ýören ekeni.

Simon ejesiniň boýnundan gujaklap, aglap başlady:

— Ýok, eje, men suwa gark boljak boldum, sebäbi olar meni urdular... urdular, kakasyz diýip...

Namysdan ýaňa ýaş aýalyň ýüzi çym gyzyl boldy. Aýal tutuş göwresi bilen sandyrap durşuna üýtgeşik hyjuw bilen çagasyny gujagyna gysdy. Şol mahal onuň ýaňaklaryndan gözýaş damjalary togalanyp gaýtdy.

Işçi şol ýerden nädip yzyna dolanjagyny bilmän ýaýdanjyrap durdy. Simon birden onuň ýanyna ylgap bardy-da sorag berdi:

— Siziň meň kakam bolasyňyz gelenokmy?

Ara dymyşlyk aralaşdy. Utanjyndan ýaňa Blanşottanyň ýüzi çym gyzyl boldy, ýer-ä ýarylmady, ol-da girmedi.

Näme diýjegini-de bilmän, aýasyny ýüregine ýetirip, özüni diwara ýaplady. Çaga bolsa sowalynyň jogapsyz galandygyny görüp:

— Maňa kaka bolmak islemeseňiz, onda men suwa gark bolmaga gitjek — diýdi.

Işçi bolan ýagdaýy oýun ýaly bir zada öwürmek isledi-de, gülki gatyşykly jogap berdi:

— Wah, köşejigim, men isleýän-le, razy-la.

— Onda seň adyň näme? Men ony biläýmeli, soranlarynda aýdar ýaly.

— Filip — diýip, işçi jogap berdi.

Simon bu ady ýadynda saklajak bolup, esli salym dymdy. Soňra birneme ynjalan ýaly boldy-da, elini hereketlendirip gürledi:

— Ine, şeýle, Filip, sen meň kakam!

Işçi oglanjygy ýokary göterdi-de, onuň ýaňajygyndan mähirli ogşady. Soňra ol uzyn-uzyn ädimläp, gyssagly ýöräp gitdi. Ertesi güni mekdepde Simony ýakymsyz gülki bilen garşy aldylar.

Mekdepden çykanlarynda bezzat oglan ýene-de düýnki ýagdaýy gaýtalamakçy boldy. Simon onuň ýüzüne diýjek sözüni edil zyňlan daşa dönderip aýtdy:

— Filip — ine, meň kakamyň ady!

Ähli tarapdan hahahaýlaşyp gülüşdiler:

— Filip, soňra näme? Filip kim? Sen öz Filipiňi nireden aldyň?

Simon jogap bermedi, onuň boýun egmezek ýüregi bardy. Ol duranlara hüjüm edijilik nazary bilen seretdi. Onuň häzir düýnki ýaly uruşmaga-da taýyndygy görnüp durdy. Ýöne welin, bu gün olardan ýeňilmekçi däldi. Şol pursat mugallymyň görünmegi ony şol ýagdaýdan halas etdi. Ol tizlik bilen ejesine tarap ylgady.

Üç aýyň dowamynda uzyn boýly işçi Filipi Blanşottanyň öýüniň töwereginde köpräk gördüler. Käte ol Blanşotta tikin tikip, äpişgäniň öňünde otyrka, onuň bilen gürleşmäge synanyşdy. Blanşotta onuň soragyna sypasynaňyşdy. Blanşotta onuň soragyna sypaýyçylykly jogap berýärdi. Hiç degişmeýärdi, öýe girmäge-de mürähet etmeýärdi. Özüni örän asylly alyp barýardy. Ýöne gürleşen mahaly onuň ýaňaklarynyň al reňke öwrülişi özüne göwni ýetýän Filipiň nazaryndan sypmaýardy.

Abraýyň bir gaçansoň, ony dikeltmek ýeňil-ýelpaý zat däl-dä, juda kyn-da. Iliň gözünden düşmek bolsa aňsat. Emma Blanşotta her näçe ätiýajy elden bermejek bolsa-da, onuň Filip bilen gatnaşygy hakdaky hyşy-wyşy gürrüňler töwerege bir eýýäm ýaýrapdy.

Simon täze tapynan kakasyny diýseň gowy görýärdi. Filip işden gelensoň, agşamara ataly-ogul ýaly bolşup, bileje gezmeleýärdiler. Oglanjyk indi mekdebe gün yrman gatnaýardy, özüne göwnüýetijilik bilen oglanlaryň deňinden gypynçsyz geçip gidýärdi. Olaryň kemsidiji, ýaňsyly gülkülerine jogabam berjek bolup duranokdy.

Bir gezek şol garagol oglan oňa şeýle diýdi:

— Sen çypdyryp, ýalan sözläpsiň, seň-ä asyl kakaňam ýok!

— Näme üçin? — diýip, Simon sorady.

Garagol oglan ellerini owkalaşdyryp durşuna, sözüni dowam etdi:

— Üçini-dä şol, kakaň bolan bolsa, ejeň adamsy bordy-da.

Aýdylan sözüň adalatlydygy Simony aljyratdy. Ýöne şonda-da ol diňe özüniňkini tutdy durdy:

— Nähilem bolsa, şol-a meň kakam!

— Hä-ä, bolup biler — diýip, ýetginjek ýaňsylaýjy äheňde ýylgyrdy. — Ýöne şonda-da, ol seň kakaň-a däl.

Blanşottanyň ogly müzzerip, başyny aşak saldy, tükeniksiz pikire gümra bolup, Filipiň işleýän ýerine, Luazon daýynyň ussahanasyna gitdi.

Ussahana gür baglygyň içinde edil gizlenip goýlan ýalydy, içi-de örän garaňkydy, diňe uly körükden çykýan ýalynly oduň ýiti gyzyl şöhlesinde çyzgalan ellerindäki ýekedaban bilen sandala urup, demir ýençýän bäş kişini saýgaryp bolýardy. Ýenjilýän demir sesi gulagyňy gapara getirýärdi. Olaryň bar ünsi ýençýän demirlerindedi, ýekedabanlary dynuwsyz indeip duruşlary ýalnyň girisine düşen melgunlary ýatladýardy. Her urulýan urgynyň zarbyna olaryň agyr oý-pikirleri hem dargap gidýäne çalym edýärdi.

Simon ussahana ýuwaşlyk bilen girdi-de, öz dostunyň eşiginden ýuwaşja çekdi. Filip yzyna öwrüldi. Iş togtady. Işçiler oglanjygy synlamaga durdular. Ara düşen ümsümligi Simonyň inçejik sesi bozdy:

— Filip, eşidýämiň, Mişodyň ogly maňa: «Filip saňa kaka däl» diýýä.

— Näme üçinkä?

Simon çaga sadalygy bilen:

— Sebäbi sen ejemiň adamsy, äri däl ekeniň — diýip jogap berdi.